
Musulmanlara täze ýyl bellemek bolýarmy?



Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.

Pygamberimiz Muhammet sallallahu aleýhi we sellem hadysda:

لَتَتَّبِعُنَّ سَنَنَ مَنْ قَبْلَكُمْ شِبْرًا بِشِبْرٍ وَذِرَاعًا بِذِرَاعٍ حَتَّى لَوْ سَلَكُوا جُحْرَ ضَبٍّ لَسَلَكْتُمُوهُ قُلْنَا يَا رَسُولَ اللَّهِ الْيَهُودَ وَالنَّصَارَى قَالَ فَمَنْ

"**Şübhesiz siz sizden öňküleriň yzlaryna garyş-garyş eýerersiňiz. Hatda olar haždygyň hinine girseler, siz hem girip görersiňiz." Sahabalar: Ýa Resulullah bizden öňkiler diýýäniň Ýahudy we Hristianlarmy? Diýdiler Resulullah: "Başga kim bolsun?"** diýdi.*(Buhari, Muslim)*

Başga bir rowaýatynda şeýle diýýär: حتى لو كان فيهم من نكح أمه علانية، كان في أمتي مثل

"**Olardan biri (iliň arasynda) ejesi bilen zyna etse, sizden hem ony etjek tapylar."** *(Hakim, el-Mustedrek)*

Bu hadysda, Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) 14 asyr öň ymmatynyň sezewar boljak azgynlygyndan habar berdi. Ol hem kapyrlaryň agzyny öýkünmekdir, olara meňzemäge çalyşmakdyr. Öz dininden bihabar ençeme musulman lybasynda, gürleýişinde, özüni alyp baryşynda, toýdur-üýşmeleňlerinde kapyrlaryň edenini etýändiklerini görýäris.

Üstünde durmak isleýän mowzugymyz köp Türkmen maşgalalarynda giňden bellenilýän täze ýyl baýramydyr. Bu baýram Türkmen topraklarynda Sowet döwüründe bellenilip başlanylýar. Halkyň içine kapyrlaryň bu baýramy berk ornaşypdyr, hatda Musulmanlaryň Gurban we Ramazan baýramlaryny bellemeýänler, ençeme harajat edip gaýry dinlileriň baýramyny belleýärler. Üstesinede bu täze ýyl mynasybetli üýşülýän ýerleriň köpüsinde Allahyň haram eden zatlary edilýär. Alkagol önümleri, zenan-erkek garyşyk üýşmeleňler, haram bolan aýdym sazlar, zyna we başgada uly günäler edilýär. Bu ýagdaý, bu baýramy belleýänleriň köpüsinde bolýan zatdyr. Başga bir tarapdan bolsa, bu gije nähili geçse bütin ýyl hem şonuň ýaly bolar diýen, batyl we küfür ynançlar hem halkyň içinde az däldir.

Bu makalamyzda kapyrlaryň baýramyny hususanam täze ýyl bellemegiň Yslamda haramdygyny, Kuran we Sahyh hadyslaryň, ähli-sünnediň, ulamalaryň sözüniň saýasynda beýan etdik. Allah Tagaladan bu makalamyzy musulman doganlarymyza peýdaly etmegini we musulman doganlarymyzyň bu makala sebäpli, öz edýän ýalňyşlyklaryny bilip toba gelip, haka düşünmeklerini dileýäris.

Kuran-Kerimden deliller:

1-Allah Tagala ýahudy we hristianlar barada:

وَلَئِنِ اتَّبَعْتَ أَهْوَاءهُم مِّن بَعْدِ مَا جَاءكَ مِنَ الْعِلْمِ إِنَّكَ إِذاً لَّمِنَ الظَّالِمِينَ

"**.....Saňa gelen ylymdan soň hem, olaryň (ýahudy, hristianlaryň) howaýy nebislerine uýsaňyz, onda şübhesiz zalymlardan bolarsyňyz."** *(Bakara, 2/145)*

2- Allah Tagala aýatda:

وَكَذَلِكَ أَنزَلْنَاهُ حُكْمًا عَرَبِيًّا وَلَئِنِ اتَّبَعْتَ أَهْوَاءهُم بَعْدَ مَا جَاءكَ مِنَ الْعِلْمِ مَا لَكَ مِنَ اللهِ مِن وَلِيٍّ وَلاَ وَاقٍ

"**Şonuň ýaly Biz ony (Kurany) arapça höküm halynda iberdik. Eger siz özüňize gelen bu ylymdan soň, olaryň haý-höwäslerine eýerseňiz, siz üçin Allah tarapyndan bir dost hem, goragçy hem bolmaz."** *(Rad, 13/37)*

Hafyz Ibn Kesir (rahimahullah) bu aýatyň tefsirinde şeýle diýýär:

وهذا وعيد لأهل العلم أن يتبعوا سبل أهل الضلالة بعدما صاروا إليه من سلوك السنة النبوية والمحجة المحمدية ،

"**Sünnete, Muhammet (sallallahu aleýhi we sellemiň) goýan ýoluna gireniňden soňra, azaşan kişileriň yzyna eýerenleri sebäpli ylym eýelerine duýduruşdur. ."** (*Tefsiru Ibn Kesir*)

3-Allah Tagala aýatda: يَا أَيُّهَا الَّذِينَ آمَنُواْ لاَ تَقُولُواْ رَاعِنَا وَقُولُواْ انظُرْنَا وَاسْمَعُواْ وَلِلْكَافِرِينَ عَذَابٌ أَلِيمٌ

"**Eý iman edenler! Raina diýmäň, unzurna diýiň we diňläň. Kapyrlar üçin agyr azap bardyr."** (Bakara, 2/104)

Ibn Kesir (rahimahullah) bu aýatyň tefsirinde şeýle diýýär:

نهى الله تعالى المؤمنين أن يتشبهوا بالكافرين في مقالهم وفعالهم ، وذلك أن اليهود كانوا يعانون من الكلام ما فيه تورية لما يقصدونه من التنقيص عليهم لعائن الله فإذا أرادوا أن يقولوا : اسمع لنا يقولون : راعنا . يورون بالرعونة ، كما قال تعالى : (من الذين هادوا يحرفون الكلم عن مواضعه

ويقولون سمعنا وعصينا واسمع غير مسمع وراعنا ليا بألسنتهم وطعنا في الدين ولو أنهم قالوا سمعنا وأطعنا واسمع وانظرنا لكان خيرا لهم وأقوم [ولكن لعنهم الله بكفرهم فلا يؤمنون إلا قليلا) [النساء : 46

والغرض : أن الله تعالى نهى المؤمنين عن مشابهة الكافرين قولا وفعلا . فقال : (يا أيها الذين آمنوا لا تقولوا راعنا وقولوا انظرنا واسمعوا وللكافرين عذاب أليم)

“**Allah Tagala mü'min gullaryna kapyrlara sözlerinde we hereketlerinde meňzemegi gadagan etdi. Çünki yahudylar (musulmnlary) kemsitmek, kiçiltmek üçin sözleri kakdyryp, üýtgedip gürleýärdiler (Allah olara lagnat etsin). Ýahudylar “Bizi diňle” diýjek bolsalar, “Samahyllamak” manysyny aňladýan “raunet” kökünden emele gelen (sözi ullanyp) “raina” diýýärlerdi.**

Allah Tagala bu barada şeýle diýdi: “Käbir ýahudylar (käbir) sözleriň (manysyny) ýerinden (üýtgedip), dillerini aýnadyp, dine zyýan ýetirmek üçin (pygambere garşy): «Eşitdik we asy bolduk», «Diňle, käşgä, ker bolsaňdyň» «Ragynä» («Biziň çopanymyz)» ýaly (ters manylarda) aýdýarlar. Eger olar: «Eşitdik we boýun egdik», «Diňle we bizi gora» diýselerdi, elbetde, bu özleri üçin haýyrly we has göwnejaý bolardy. Emma inkär edýändikleri üçin Allah olary näletledi. Olaryň (köpüsi ynanmazlar) diňe az (sanlysy) iman getirerler.” (Nisa 4/46)

(Bu aýatdan) maksat Allah Tagala iman eden bendelerine, söz we hereketlerinde kapyrlara meňzemegi, gadagan edendir. “Eý iman edenler! Raina diýmäň, unzurna diýiň we diňläň. Kapyrlar üçin agyr azap bardyr.” (Bakara, 2/104)” (*Tefsiru Ibn Kesir*)

4-Allah Tagala aýatda:

أَلَمْ يَأْنِ لِلَّذِينَ آمَنُوا أَن تَخْشَعَ قُلُوبُهُمْ لِذِكْرِ اللَّهِ وَمَا نَزَلَ مِنَ الْحَقِّ وَلَا يَكُونُوا كَالَّذِينَ أُوتُوا الْكِتَابَ مِن قَبْلُ فَطَالَ عَلَيْهِمُ الْأَمَدُ فَقَسَتْ قُلُوبُهُمْ وَكَثِيرٌ مِّنْهُمْ فَاسِقُونَ

“**Iman getirenler üçin kalblary Allahyň zikrine we indirilen Hak Kurana maýyl bolmak** (isleg duýmak, gorkmak) **wagty gelmedimi? Özlerine öň kitap berilip, üstünden uzak wagt geçenden, soňra kalblary gatap galan (ýahudy we hristianlar) ýaly bolmasynlar. Olaryň (ýahudy we hristianlar) köpüsi fasyk kişilerdir.”***(Hadid, 57/16)*

Ibn Kesir (rahimahullah) bu aýatyň tefsirinde şeýle diýýär:

، نهى الله المؤمنين أن يتشبهوا بالذين حملوا الكتاب قبلهم من اليهود والنصارى

“**Allah Tagala mü'min gullaryna özlerinden öň kitap berlenlere, ýagny Ýahudylara we Hristianlara meňzemegi gadagan etdi.....”** (*Tefsiru Ibn Kesir*)

we Ibn Kesir (rahimahullah) ýenede bu aýatyň tefsirinde şeýle diýdi:

. ولهذا نهى الله المؤمنين أن يتشبهوا بهم في شيء من الأمور الأصلية والفرعية

“**..Allah Tagala iman edenlere asly we feri (her meselede) Ýehudy-Hristianlara meňzemegi gadagan etdi.”** (*Tefsiru Ibn Kesir*)

5-Allah Tagala aýatda: وَلاَ تَرْكَنُواْ إِلَى الَّذِينَ ظَلَمُواْ فَتَمَسَّكُمُ النَّارُ وَمَا لَكُم مِّن دُونِ اللّهِ مِنْ أَوْلِيَاء ثُمَّ لاَ تُنصَرُونَ

“**Zulum ýoluny tutan kimselere berilip gitmäň (tirkeşmäň, eýermäň). Beýle etseňiz, size dowzah ody deger. Siz üçin Allahdan özge dost ýokdur. Soňra (ýagny zalymlara eýerseňiz) size ýardam berilmez.”***(Hud, 11/113)*

Şeýh Abdurrahman bin Nasyr es-Sadi (rahimahullah), Tefsiru-Sadi'de (تفسير السعدي) şeýle diýýär:

ففي هذه الآية: التحذير من الركون إلى كل ظالم، والمراد بالركون، الميل والانضمام إليه بظلمه وموافقته على ذلك، والرضا بما هو عليه من الظلم. وإذا كان هذا الوعيد في الركون إلى الظلمة، فكيف حال الظلمة بأنفسهم؟!! نسأل الله العافية من الظلم.

“**Bu aýat her zalyma meýl etmekden ägä edendir. Meýl etmekden maksat: Zulumunda oňa goşulmak we oňa eýermekdir, zuluma razy bolmakdyr. Eger zalymlara meýle etmekde, beýle howp bar bolsa, hut zalymlaryň özleriniň haly nähilidir?”**

Eziz musulman doganym Allah saňa rehim etsin! Allah Tagala bize kitabymyz Kuran-Kerimde kapyrlaryň, zalymlaryň baýramyny bellemek aňyrda dursyn, olara meýl etmekden, azajyk hem bolsa, zalymlara we olaryň edýän zulumlaryna isleg duýmakdan, eýermekden ägä edendir!

6-Allah Tagala aýatda:

يَا أَيُّهَا الَّذِينَ آمَنُواْ لاَ تَتَّخِذُواْ الْيَهُودَ وَالنَّصَارَى أَوْلِيَاء بَعْضُهُمْ أَوْلِيَاء بَعْضٍ وَمَن يَتَوَلَّهُم مِّنكُمْ فَإِنَّهُ مِنْهُمْ إِنَّ اللّهَ لاَ يَهْدِي الْقَوْمَ الظَّالِمِينَ

“**Eý iman edenler, ýahudylary we hristianlary dost edinmäň! Olar biri-biriniň dostydyrlar. Sizden kim olary dost edinse, ol hem olardandyr. Allah zalym kowuma hidaýet etmez.”** *(Maide,5/51)*

Bu aýatda kapyrlary dost edinmek olara isleg duýmak, älemleriň Robbi tarapyndan açyk-aýdyň gadagan edilýär.

Ibn Kesir (rahimahullah) bu aýatyň tefsirinde şeýle diýýär:

ينهى تعالى عباده المؤمنين عن موالاة اليهود والنصارى الذين هم أعداء الإسلام وأهله ، قاتلهم الله ، ثم أخبر أن بعضهم أولياء بعض ، ثم تهدد وتوعد من يتعاطى ذلك فقال :

(وَمَن يَتَوَلَّهُم مِّنكُمْ فَإِنَّهُ مِنْهُمْ)

“**Allah Tagala aýatda Yslamyň we musulmanlaryň duşmany bolan Ýahudy we Hristianlar bilen dost bolmagy**

iman eden gullaryna gadagan edýär (Allah ol duşmanlary heläk etsin). Soňra bolsa, olaryň biri-birleriniň dostydygyny habar berýär we bu gadaganlygy bozan kişileri ägä edip, duýduruş berip we : "Sizden kim olary dost edinse, ol hem olardandyr." diýýär. *(Tefsiru Ibn Kesir)*

7-Allah Tagala aýatda: وَالَّذِينَ لَا يَشْهَدُونَ الزُّورَ وَإِذَا مَرُّوا بِاللَّغْوِ مَرُّوا كِرَامًا

"**Olar (musulmanlar) ýalana "zur"aşaýat bolmazlar we lagwa (boş söz we amala) duşanlarynda, agraslyk bilen (ondan ýüz öwürüp) giderler."***(Furkan, 25/72)*

Allah Tagala bu aýatda batyl ýörelgelerinde, kapyrlara garşy durany we ýalan zada şaýatlyk etmeýän bendelerini öwendir. Kuran tefsirçileri, tabygynlardan selef alymlar we olaryň ýolundan ýöränleriň köpüsi terjimede "ýalan" diýip, terjime edilen "zur " sözüni müşrükleriň baýramy diýip, tefsir edendirler.

Bu barada meşhur tefsirçilerinden, Allame el-Kurtubi (rahimehullah) şeýel diýýär:

والذين لا يشهدون الزورأي لا يحضرون الكذب والباطل ولا يشاهدونه . والزور : كل باطل زور وزخرف ، وأعظمه الشرك وتعظيم الأنداد . وبه فسر الضحاك وابن زيد وفي رواية عن ابن عباس أنه أعياد المشركين .

"**Olar (musulmanlar) ýalana "zur"aşaýat bolmazlar diýeni: Ýagny olar ýalan we batyl işlere goşulmazlar we oňa seretmezler. We zur, her dürli bezelen, batyl zatdyr. We bularyň iň ulusy şirkdir we Allaha şärik goşulan zatlary tagzym etmekdir. Dahhak, Ibn Zeyd we Ibn Abbas dagylar bu görnüşde tefsir etdiler. We Ibn Abbasdan gelen başga bir habarda bolsa, Zur müşrükleriň baýramy diýmekdir."** *(Tefsirul-Kurtubi)*

Resulullah (sallallahu aleýhi we sellemiň) sünnetinden deliller:

1-Pygamber (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi: **مَنْ تَشَبَّهَ بِقَوْمٍ فَهُوَ مِنْهُمْ**

"**Kim bir millete meňzese, ol hem olardandyr."** *(Ahmed, Ebu Dawud)*

Alymlar bu hadysyň şerhinde: **"Musulmanyň ahlakynda, özüni alyp barşynda, söz we adatlarynda kapyrlara meňzemegi, olara eýermegi, olaryň agzyny öýkenmegi haramdyr diýip, şerh edendirler."**

Özüni musulman diýýän kişiniň Allahy, Pygamberi inkär edip, Allaha duşman bolan, kapyrlaryň baýramyny bellemegi, olara öýkünmegi, olaryň baýramyny, edip-gylymlaryny öz ýurdynda, öýünde janlandyrmagy kiçilikdir, peslikdir. Kapyrlaryň medenýetiniň öňünde dyza çökmekdir, öz edip-gylymyny, gymmatlyklaryňy depelemekdir we kapyrlaryň adatlary bilen garym-gatyşyk etmekdir. Kapyrlaryň baýramlaryny bellemek, kapyrlaryň täsiri astynda galmakdyr.

Daş-keşbi meňzäniň, içi hem yuwaş-yuwaşdan şol kapyrlara meýil edip başlaýandyr.

2-Pygamber (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi:

لَيْسَ مِنَّا مَنْ تَشَبَّهَ بِغَيْرِنَا، لَا تَشَبَّهُوا بِاليَهُودِ وَلَا بِالنَّصَارَى، فَإِنَّ تَسْلِيمَ اليَهُودِ الإِشَارَةُ بِالأَصَابِعِ، وَتَسْلِيمَ النَّصَارَى الإِشَارَةُ بِالأَكُفِّ

"**Bizden başgasyna meňzeýän bizden däldir. Ýahudy we hristianlara meňzemäň. Çünki ýahudylar salamlaşanlarynda barmaklary bilen yşarat ederler, hristianlar salamy bolsa, elleriniň aýasy bilen yşarat etmekdir."** *(Tirmizi)*

SubhanAllah! ÖzünePygamberimiziň ymmaty diýýän kişileriň arasynda, edil kapyrlar ýaly bolup olara eýeryän, olaryň edenini edýän, olaryň baýramlaryny belleýän kişiler barada, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) näme diýerdi? Kapyrlaryň salam berişi ýaly salam bermegi gadagan edip, ony olara meňzemek diýip atlandyran Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem), öz ymmatynyň içinde kapyrlaryň baýramyny baýram edip, arça bezäp, aýaz baba bolup, hristianlaryň baýramyny belleýänleri görse näme diýerdi?

3-Pygamber (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi: ليس منا من عمل بسنة غيرنا

"**Kim bizden başgasynyň sünneti (ýörelgesi, adaty) bilen amal etse bizden däldir."** *(Taberani, el-Mujmeu'l-Kebir, 1/118)*

Kimde-kim Pygamberimiziň sünnetini taşlap, sünnete ters bolan zatlara amal etse, ýahudy we hristianlaryň adatlaryna eýerse, gymmatly, fazilet, üstünlik bolan zady taşlap, kapyrlaryň zerre ýaljak hem gymmaty bolmaýan zatlarynyň yzyna düşse we olary gowy görse, bu kişi özüne musulman diýsede, musulmanyň adyny götersede, yslam dininden bihabar, gapyldyr.

4- Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: إِنَّ لِكُلِّ قَوْمٍ عِيدًا وَ هَذَا عِيدُنَا

"**Her bir kowumyň baýramy bardyr. Biziň baýramymyz bu gündir."***(Buhari)*

Musulmanlaryň Allah Tagala tarapyndan berlen iki sany baýramy bardyr, olar Ramazan we Gurban baýramydyr.

5-Enes bin Maligiň (radiallahu anh) şeýle diýeni rowaýat edilýär:

قَدِمَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ الْمَدِينَةَ وَلَهُمْ يَوْمَانِ يَلْعَبُونَ فِيهِمَا ، فَقَالَ : "مَا هَذَانِ الْيَوْمَانِ ؟ " قَالُوا : كُنَّا نَلْعَبُ فِيهِمَا فِي الْجَاهِلِيَّةِ ، فَقَالَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ : " إِنَّ اللَّهَ تَعَالَى قَدْ أَبْدَلَكُمْ يَوْمَيْنِ خَيْرًا مِنْهُمَا : يَوْمَ الْأَضْحَى وَيَوْمَ الْفِطْرِ

"**Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Medinä gelende, Medinelileriň şatlyk, şowhun edýän iki (baýram) günleri bardy. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) olara: Bu günler näme diýip, sorady. Olar: Biz jähiliýýe döwründe bu iki günde oýun-oýnap (şowhun) ederdik, diýdiler. Şonda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) olara: Allah Tagala size bularyň ýerine has haýyrlysyny berdi, ol günler Gurban we Ramazan baýramlarydyr."***(Ebu Dawud)*

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ymmatyna Ýahudy we Hristianlara meňzemezligi tabşyryk berdi.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **خَالِفُوا الْمُشْرِكِينَ وَفِرُوا اللِّحَى وَأَحْفُوا الشَّوَارِبَ**

“**Müşrüklere muhalefet ediň** (olaryň tersine hereket ediň)**: sakalyňyzy göýberiň we murtlaryňyzy gysgaldyň.”***(Buhari, Muslim)*

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

خَالِفُوا الْيَهُودَ ، فَإِنَّهُمْ لَا يُصَلُّونَ فِي نِعَالِهِمْ وَلَا خِفَافِهِمْ

“**Ýahudylara muhalefet ediň** (olaryň tersine hereket ediň)**: aýakgaply namaz kylyň çünki olar (yahudylar) aýakgaply we şyppykly namaz kylmazlar.”** *(Ebu Dawud)*

Ümmi Selemeden (radiallahu anha) şeýle diýeni rowaýat edilýär:

انَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ يَصُومُ يَوْمَ السَّبْتِ وَالأَحَدِ أَكْثَرَ مَا يَصُومُ مِنَ الأَيَّامِ ، وَيَقُولُ : " إِنَّهُمَا يَوْمَا عِيدٍ لِلْمُشْرِكِينَ فَأَنَا أُحِبُّ أَنْ أُخَالِفَهُمْ

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) köplenç altynjy we bazar günleri agyz beklärdi we şeýle diýerdi: **“Bular müşrükleriň baýram (günleridir). Men olara muhalefet etmek** (olara garşy bolmak) **isleýärin.”** *(Ahmed, Musned)*

Ebu Musa el-Eşariň (radiallahu) şeýle diýeni rowaýat edilýär:

عَنْ أَبِي مُوسَى **رَضِيَ اللَّهُ عَنْهُ ، قَالَ : كَانَ يَوْمُ عَاشُورَاءَ يَوْمًا تُعَظِّمُهُ الْيَهُودُ ، وَتَتَّخِذُهُ عِيدًا ، فَقَالَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ : صُومُوهُ أَنْتُمْ**

Ýahudylar aşura güni baýram bellärdiler. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi: **“Siz olara muhalefet** (olaryň edenineň tersini) **ediň. Siz agyz beklläň.”** *(Sahyh Muslim)*

Sahabalaryň kapyrlara meňzemezlik barada aýdan sözleri.

Mü'minleriň Emiri Omar bin el-Hattab (radiallahu anh) şeýle diýdi:

اجْتَنِبُوا أَعْدَاءَ اللَّهِ فِي عِيدِهِمْ

“**Allahyň duşmanlary (kapyrlar) baýram edenlerinde olardan uzak duryň.”** *(Beýhaki, es-Sunenul-Kubra)*

Muhammed bin Sirinden şeýle rowaýat edilýär, ol şeýle diýdi: **“Ali (radiallahu anha) Nowruz sowgady getirdiler. Bu näme? Diýdi. Olar: Eý mü'minleriň Emiri, bu gün Nowruz günüdir, diýdiler. Hezreti Ali: Her güni feýruz ediň, diýdi. Ebu Usame aýtdy: Ali Nowruz diýilmegini halamaýardy.”** *(Beýhaki, es-Sunenul-Kubra)*

Abdullah bin Amr bin el-As (radiallahu anh) şeýle diýdi: **“Müşrükleriň ýurdunda ýaşan, olaryň nowruz, mihrajan baýramlaryny belleýän we olara meňzän we tä ölýänçä bu ýagdaýda bolan kişi, kyýamat gününde ol (kapyrlar) bilen bile direldiler.”** *(Beýhaki, es-Sunenul-Kubra)*

Abdullah bin Mesud (radiallahu anh) şeýle diýýär: **“Kalplar biri-birine meňzemese, geýim-gejim (daş görnüş) biri-birine meňzemez.”** *(Beýhaki, es-Sunenul-Kubra)*

Kapyrlary baýramlary mynsybetli gutlamak haramdyr.

Uly alym meşhur Ibn el-Kaýýim (rahimehullah) şeýle diýýär:

ابن القيم ـرحمه اللهـ في كتابه "أحكام أهل الذمَّة"؛ حيث قال: "وأمَّا التهنئة بشعائر الكفر المختصَّة به فحرامٌ بالاتفاق؛ مثل أن يهنِّئهم بأعيادهم وصومهم؛ فيقول: عيد مبارك عليك، أو تهنأ بهذا العيد ونحوه؛ فهذا إن سَلِمَ قائله من الكفر، فهو من المحرمات، وهو بمنزلة أن تهنئه بسجوده للصليب! بل ذلك أعظم إثمًا عند الله، وأشد مقتًا من التهنئة بشرب الخمر وقتل النفس، وارتكاب الفرج الحرام ونحوه!

وكثير ممن لا قدْرَ للدِّين عنده يقع في ذلك، ولا يدري قُبحَ ما فعل، فمن هنَّأ عبدًا بمعصية أو بدعة أو كفر؛ فقد تعرض لمقت الله وسخطه". انتهى كلامه رحمه الله.

“**Kapyrlary nyşanlary, şygarlary (baýramlary) mynasybetli gutlamak alymlaryň bir agyzdan aýtmagy bilen haramdyr. Myal üçin olaryň baýramlaryny ýa-da orazalryny gutlap “baýramyň mübärek bolsun” ýa-da “baýramyň gutly bolsun” ýaly zatlar aýtmakdyr. Buny diýen kişi bu söz sebäpli kapyr bolmasada, haram işi etdigi bolar. Bu bir Hristiana haja (kresta) sežde edenligi üçin gutlamak ýalydyr. Hatda (kapyryň baýramyny gutlamak) bir kişini şerap içenligi, adam öldürenligi, zyna ýaly uly günä edenligi üçin gutlamakdan hasa beterdir. Diniň gadryny bilmeýänleriň köp bölegi bu ýalňyşlary eder, eden işiniň nä dereje erbetliginede düşünmez. Çünki bir kişini günäsi ýa-da bidgaty ýa-da küfri sebäpli gutlan kişi, Allahyň gazabyna duçar bolar.”***(Ahkamu Ehli-Zymme)***

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.